Häzirki döwürde adamlaryň gözellik duýgularynyň täsin gurluşy bilen döredijilik eserine meňzeýän, ýurdumyzyň ajaýyp künjekleriniň, obalarymyzyň hem şäherlerimiziň görkünden heýjana gelýän joşgunyny duýýarlar. Obalarymyzyň, şäherlerimiziň gök baga bürenip, gülleriň mekanyna öwrülmegi topragymyza bereket, howamyza tenekär eçildi. Gözbaşy gözellige bolan söýgüden başlanýan ynsanperwer çäreler howanyň, suwuň, topragyň geljekki nesiller üçin goralyp saklanmagyny üpjün etmäge-de gönükdirilendir.

Daş-töweregimiziň, köňülleriň gözelliginden tutuş dünýäniň geljeginiň gözelligi görünýär. Sebäbi, biz bu günki günde eziz Watanymyzy eý görüp, onuň her daban ýeriniň aýalyp, gül öwüsmegini isläp, tutuş tebigata yhlasymyzy bagyş edýäris. Umumy tagallany talap edýän ekologiýa ýagdaýynyň sazlanmagyna täsirimizi ýetirýäris.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Türkmenistanyň döwlet syýasatynyň esasy ugurlarynyň biri hem, daşky gurşawy goramak we ekologiýa abadançylygyny üpjün etmekden ybaratdyr. Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzda tebigata aýawly çemeleşmek, onuň tebigy baýlyklaryny netijeli peýdalanmak hem-de geljekki nesiller üçin arassa we sagdyn gurşawy üpjün etmek maksady bilen giň gerimli işler alnyp barylýar.

Ýurdumyzda tokaý zolaklaryny döretmek we giňeltmek boýunça alnyp barylýan işler aýratyn bellärliklidir. Her ýyl geçirilýän köpçülikleýin bag ekişlik dabaralary bu ugurda edilýän tagallalaryň aýdyň mysalydyr. Şeýle hem, ýaşlaryň ekologiýa işlerine işjeň çekilmegi, ekologiýa medeniýetiniň ýokarlandyrylmagyna hyzmat edýär.

Eziz Diýarymyzda tebigy gaz serişdelerini dünýä bazaryna ekologiýa taýdan howpsyz we arassa görnüşde ýetirmek babatynda öňdebaryjy tejribe toplandy. «Ýaşyl energetika» ulgamynda hem birnäçe başlangyçlar öňe sürülýär. Gün we ýel energiýasyny peýdalanmak boýunça alnyp barylýan barlaglar we taslamalar ýurdumyzyň bu ugurda hem uly mümkinçilikleriniň bardygyny görkezýär.

Munuň bilen birlikde, Türkmenistanyň bilim ulgamynda hem ekologiýa taýdan sowatly nesilleri ýetişdirmek ugrunda netijeli işler alnyp barylýar. Mekdeplerde, ýokary okuw jaýlarynda tebigaty goramak bilen baglanyşykly sapaklar we çäreler geçirilýär. Bular ýaşlarda tebigata bolan söýgini, hormaty kemala getirýär.

Tebigy gözellik bilen ynsanyň yhlasy gatylan gözellik utgaşanda, dünýä hemişe abadandyr. Goý, biziň dünýämize şeýle abadanlyk ýaran bolsun! Berkarar döwletimiziň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ynsanperwer ýörelgeler bilen paýhasyň hem gujur-gaýratyň gözelligini dünýä ýaýýan hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Sedarymyzyň jany sag, ömri

Все права защищены

uzak bolsun!

**Altyn MEREDOWA**
**S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby**

Все права защищены
save pdf date >>> 27.01.2026